THE
ASHGABAT
TIMES

# Türkmenistan-Türkiýe parlamentara dostluk toparynyň agzalarynyň Türkiýe Respublikasynyň Daşary ykdysady aragatnaşyklar boýunça geňeşiniň başlygy bilen duşuşygy

25-nji oktýabrda Türkmenistan-Türkiýe parlamentara dostluk toparynyň agzalarynyň Türkiýe Respublikasynyň Daşary ykdysady gatnaşyklar geňeşiniň başlygy Mahmut Er bilen duşuşygy boldy.

Duşuşygyň barşynda türkmen tarapy Türkmenistan döwletiniň Bitaraplyk hukuk derejesiniň ýörelgelerinden ugur alýan  içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny hem-de milli Parlamentiň kanunçykarjylyk işi barada gürrüň berdi.

Duşuşygyň dowamynda türkmen-türk ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň dost-doganlyk, özara düşünişmek we ýakyndan  goldamak esasynda işjeň ösdürilýändigi kanagatlanma bilen nygtaldy. Häzirki döwürde köpugurly gatnaşyklaryň ähli ugurlarda, şol sanda iki döwlet üçin hem ähmiýetli bolan söwda-ykdysady, maýa goýum, bank işi, energetika, ulag-logistika, senagat, şähergurluşyk, oba hojalyk we sport ulgamlarynda ýokary derejede ösdürilmeginiň möhümdigi bellenildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 03.12.2024